DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARY

## BMGÖM Türkmenistan











# Gender-gönükdirilen çemeleşmäni saglygy goraýyş ulgamyndaky taslamalara birikdirmek

Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli Meýilnamasynyň goldawy üçin

# MAZMUNY


**SAGLYK NÄME?** ........................................ 3
- Jyns we gender
- Jyns näme?
- Gender näme?

**GENDER MESELELERINE ŞAHSY YNANÇLARA GÖRÄ ÇEMELEŞMEK NÄME?** ........................................ 4

**GENDER DEŇLIGINI ÜPJÜN ETMEK ÜÇIN DÖWLET TARAPYNDAN GÖRÜLÝÄN ÇÄRELER** ........................................ 5
- BMGÖM Türkmenistan

**SAGLYGY GORAÝYŞ ULGAMYNDA GENDER ÝYKGYNLY ÇEMELEŞMÄNI ÜPJÜN ETMEKDE BMGÖM-YŇ ROLY** ........................................ 6

**HER BIR ADAM NÄHILI GOŞANT GOŞUP BILER?** ........................................ 7
- Habarlaşmak üçin

# SAGLYK NÄME?

**Saglyk** – bu diňe keselleriň we fiziki kemçilikleriň bolmazlygy däl, bu **doly fiziki**, **ruhy** we **durmuş abadançylygy** ýagdaýy.

**Saglygy goraýyş ulgamynyň esasy wezipesi ilatyň saglygyny pugtalandyrmak bolup durýar.**

# JYNS WE GENDER

**Jyns** we **gender** – bu şol bir zat däl, emma olara biri birinden garaşsyz hökmünde garamaly däl. Olaryň ikisiniň hem saglygyň iň ýokary derejesine ýetmekde möhüm orny bar.

## JYNS NÄME?

**Jyns,**

- **reproduktiw agzalary,**
- **hromosomalary,**
- **gormonlary we ş.m.**

ýaly, erkekleriň we aýallaryň dürli biologiki we fiziologiki häsiýetlere degişli bolup durýar.

Jyns bedenmiziň **TAPAWUTLARYNY** we bejerişde dürli çemeleşmelere zerurlygy düşündirýär.

## GENDER NÄME?

**Gender,**

- **kadalar,**
- **ähmiýetler,**
- **erkekler we aýallar toparlaryň içindäki we arasyndaky gatnaşyklar**

ýaly, erkekleriň we aýallaryň sosial taýdan düzülen häsiýetlere degişli bolup durýar.

Gender saglygy goraýyş ulgamynyň aýallaryň we erkekleriň, gyzlaryň we oglanlaryň saglygyna **NÄHILI** we **NÄME ÜÇIN** birmeňzeş däl täsir edýändigini düşündirýär.

# GENDER ESASSYZLYGY NÄME?

Saglygy goraýyş ulgamynda **gender esassyzlygy** indiki ýagdaýlarda ýüze çykýar:

- **Birmeňzeş zerurlygy bolan aýallara we erkeklere birmeňzeş däl garamak:**

> *Alamatlaryň meňzeşligine garamazdan, erkeler bilen deňeşdirilende, aýallarda depressiýa has ýygy kesgitlenýär.*



ÝA-DA

- **Meňzeş däl zerurlygy bolan aýallara we erkeklere birmeňzeş garamak:**



> *Erkeklerde miokardyň infarkty has ýygy kesgitlenýär, sebabi aýallarda alamatlar "adaty däl" ýüze çykýar.*

Häzirki wagtda saglygy goraýyş ulgamy dürli ýaşdaky, durmuş-ykdysady, geografiki we beýleki aýratynlyklar boýunça aýallaryň we erkekleriň, gyzlaryň we oglanlaryň dürli zerurlyklaryny we ýagdaýlaryny **hemişe ýüze çykarmaly we nazara almaly.**



**HIÇ KIMI YZDA GOÝMALY DÄL**

**Nädip? Saglygy goraýyş pudagynda gender nukdaýnazary hasaba almak arkaly. Gender-gönükdirilen çemeleşmäni birikdirmek – bu aýallar we erkekler, gyzlar we oglanlar üçin (kanunçylygyň, syýasatyň, maksatnamalaryň, ähli tehniki ulgamlarda hyzmatlaryň ähli derejelerinde) islendik meýilleşdirilen hereketleriň netijelerine baha bermek ýagdaýy.**

# GENDER DEŇLIGINI ÜPJÜN ETMEKDE DÖWLET TARAPYNDAN GÖRÜLÝÄN ÇÄRELER

Gender-gönükdirilen çemeleşmäni ähli ulgamlarda ornaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli Meýilnamasyny kabul edildi.

- **Saglygy goraýyş ulgamynda ösdürmek boýunça meýilnamalar, strategiýalar we pudagara hereketleriň meýilnamalary gender deňligine ýetmek boýunça maksatlary we saglyk babatda adalatlylygy nazara alnyp işläp taýýarlanýar;**
- **Gender deňligini üpjün etmek boýunça strategiýasynda gender täsiri saglygy kesgitleýji hökmünde goşulýar (saglygy berkitmeklige we sagdyn durmuş ýörelgesiniň emele gelmegi mümkilnçiligine, şeýle hem keselleriň döremegine, ýüze çykmagyna we netijelerine täsir edýän sebäp);**
- **Durnukly Ösüş Maksatlaryň (DÖM) saglyk bilen bagly maksadynyň jyns we ýaş boýunça bölünen maglumatlarynyň ýygnalşyna gözegçilik geçirilýär;**
- **Çözgütleri kabul edýänler gender meseleleri we saglygy üpjün etmek babatda öz tejribesini we bilimlerini ýokarlandyrýarlar;**
- **Saglygy goraýyş pudagy bilen raýat jemgyýetçiliginň, hususan-da aýallaryň we maýyplygy bolan adamlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek, şeýle hem reproduktiw saglygy we zorlugyň öňüni almak babatda işleýän guramalaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk güýçlendirilýär.**

## BMGÖM TÜRKMENISTANDA

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy BMGÖM-iň Gender deňligini üpjün etmek boýunça 2022-2025-nji ýyllar üçin strategiýasyna laýyklykda, Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň Milli Meýilnamasyny durmuşa geçirmekde Türkmenistanyň Hökümetine goldaw berýär.

# GENDER DEŇLIGINI WE SAGLYGY GORAÝYŞ ULGAMYNDAKY TASLAMALARDA GENDER-GÖNÜKDIRILEN ÇEMELEŞMÄNI ÜPJÜN ETMEKDE BMGÖM-IŇ ORNY

Gender deňligi, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibinde ykrar edilşi ýaly, adamyň esasy hukuklarynyň hem-de parahatçylyk, gülläp ösmek we durnukly ösüş üçin zerur esaslaryň biri bolup durýar. Gender deňligi BMGÖM-iň mandatynda merkezi orny eýeleýär.

**BMGÖM Türkmenistanda gender-gönükdirilen çemeleşmäni özüniň ähli taslamalaryna birikdirmek bilen, gender deňligine we Durmukly ösüş maksatlaryna (DÖM) ýetmekligiň çaltlaşdyrylmagyna ýardam berýär.**




**BMGÖM-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň saglygy goraýyş ugry boýunça taslamalaryň toplumy Türkmenistanyň Hökümetine indiki meseleler babatynda goldaw berýär:**

- Aýallaryň arasynda ölümçiligiň esasy sebäbi bolup durýan, süýt mäziniň we beýleki jyns agzalarynyň howply täze döremelerini bejermekde.
- Aýallarda has ýygy duş gelýän semizligi, galkan görnüşli mäziniň kesellerini we beýleki endokrin kesellerini bejermekde.
- Erkekeleriň arasynda ölümçiligiň esasy sebäbi bolup durýan, ýürek-damar ulgamynyň kesellerini bejermekde.
- Töwekgel toparlara degişli raýatlar üçin AIW ýokanjyna barlag (test) ulgamlaryny we goranyş serişdelerini (prezerwatiwleri) getirmekde.
- Hyzmatdaş guramalaryň üsti bilen KDD (köp sanly dermanlara durnukly) inçekeselli hassalara we olara ideg edýänlere, aýallara gönükdirmek bilen, psihososial goldawyny bermekde.



# HER KIM NÄME EDIP BILER?

**Her kim öz derejesinde gender-gönükdirilen çemeleşmäni öňe sürmekde öz goşandyny goşup biler.**



**Gender esassyzlygyň we sosial ýagdaýlar barada düşünmeleriň (stereotipleriň) barlygyny ýüze çykaryň.**
Biziň hemmämizde ynamsyzlyk we sosial ýagdaýlar barada düşünmeler (stereotipler) bar, we olar akyl ýetrilen ýa-da ýetirilmedik bolup biler. Haýsy ýagdaýlarda siz gender esassyzly, haýsy ýagdaýda – däldigiňize üns beriň.

**Diňläň we ünsli boluň.**
Esassyz däl ýagdaýda diňlemegi we zatlara beýleki adamlaryň nukdaýnazaryndan garamagy öwreniň.





**Esassyzlygy we gender barada ters düşünmeleri (stereotipleri) aradan aýyrmagyň mümkin bolan ýollary barada maglumatlary öwreniň:**

- öz esassyzlygyňyzy we siziň daş töweregiňizdäki ýagdaýlary öwreniň;
- bu meseläni kärdeşleriňiz we dostlarynyz bilen ara alyp maslahatlaşyň;
- maglumatlary onlaýn öwreniň we okuw maslahatlara gatnaşyň.

**Hereket ediň!**
Eger-de siz kemsitmäniň ýa-da rehimsizligiň şaýady bolan bolsaňyz, bu barada **habar beriň.**



**EGER-DE SORAGLARYNYŇ BAR BOLSA, BIZIŇ BILEN HABARLAŞYŇ:**

BMGÖM Türkmenistan, BMG-niň binasy, Arçabil şaýoly 21, 744036
(+99312) 48-83-25
registry.tm@undp.org
tm.undp.org